«7/24.tm»:
«Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň elektron goşundysy
№ 31 (218)
29.07.2024

# TÜRKMENISTAN SPORT

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ BEDENTERBIÝE WE SPORT BARADAKY DÖWLET KOMITETI

7/24.tm




## TÜRKMENISTANLY TÜRGENLER WE TÄLIMÇILER PARIŽ ŞÄHERINDE TOMUSKY OLIMPIADANYŇ AÇYLYŞ DABARASYNA GATNAŞDYLAR.




# HEPDÄNIŇ HABARLARY

◆ **22.07.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň halkynyň we Hökümetiniň adyndan, şeýle-de hut öz adyndan Müsür Arap Respublikasynyň Prezidenti Abdel Fattah Al-Sisä hem-de ýurduň dostlukly halkyna milli baýram — Ynkylap güni mynasybetli mähirli gutlaglaryny, iň gowy arzuwlaryny iberdi.

◆ **22.07.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T. Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi.

◆ **03.07.2024 ý.** Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bilen Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik boldy.

◆ **24.07.2024 ý.** Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewe doglan güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny iberdi.

◆ **24.07.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewe doglan güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny iberdi.

◆ 24.07.2024 ý. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Türkmenistanda täze bellenilen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Bernd Haýnsy kabul etdi.

◆ **24.07.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onuň gün tertibine döwlet durmuşynyň birnäçe meseleleri girizildi.

◆ **27.07.2024 ý.** Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Hormatly il ýaşulusy Gurbanguly Berdimuhamedow Arkadag şäherine iş saparyny amala aşyryp, şäheriň ikinji tapgyrynda gurulmagy meýilleşdirilýän binalaryň şekil taslamalary, olaryň ýerleşjek ýerleriniň çyzgylary bilen tanyşdy hem-de iş maslahatyny geçirdi.

**www.tdh.gov.tm**

# SPORT ÝURDUNDAN SPORT BAÝRAMYNA




◆ Olimpiadalaryň çempionlary hemişe häzirki zamanda ýaşaýarlar. 100 ýyl mundan ozal geçirilen Olimpiýa oýunlarynyň çempiony hakynda gürrüň edilende hem onuň ady geçen zamanda ulanylmaýar. Olaryň atlarynyň öňüne «ozalky» diýen söz goşulman, «Olimpiýa çempiony» diýip aýdylýar. Elmydama häzirki zamanda ýaşamak diýmek bakylyga gol bulamak dälmi? Elbetde, şeýle. Hut şonuň üçin hem Olimpiadalar hemişe adamzadyň durmuşynda uly ähmiýete eýe bolupdyr. Şol ähmiýetli waka hökmünde garalýan Olimpiýa oýunlary bolsa 1896-njy ýyldan bäri her dört ýyldan bir gezek geçirilip gelinýär. Planetanyň sport baýramyny taryhda 3-nji gezek kabul etmek häzirki zamanyň Olimpiadalaryny gaýtadan dikelden Pýer de Kuberteniň Watany Fransiýanyň paýtagtynyň paýyna düşdi. Fransiýanyň ilkinji gezek Olimpiýa oýunlaryny 1924-nji ýylda kabul edendigini hasaba alsaň, onda bu gezekki oýunlar şol wakanyň bir asyrlyk şanly senesi bilen dabaralanýar.

Aprel aýynda Gresiýada Olimpiýa oýunlarynyň alawynyň ýakylmagy bilen şol alawy «Belem» gämisinde Marsel şäherine alyp gaýtdylar. Ortaýer deňziniň üsti bilen Marsele gelen «Belemiň» häzirki zamanyň 1-nji tomusky olimpiýa oýunlary bilen ýaşytdaşdygy üçin fransuzlar şol gämini alawy Fransiýa getirmek üçin ulanmagy makul bildiler. «Belemiň» kapitany Emerik Žilber bu wakanyň uly buýsanç döredýändigini belläp geçýär. Marsel gelensoň, gämidäki alawy ýakan Florin Manolu soňlugy bilen Fransiýanyň dürli künjegine syýahat eden estafeta badalga beripdi.

Olimpiýa alawy XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlarynyň başlanýan gününde Pariž Olimpiadasynyň açylyş dabarasynyň geçirilýän ýerine getirildi. Hemme Olimpiadalaryň resmi nyşanlary, şekilleri bolýar. Bu däp Pariž Oýunlarynda hem dowam etdirildi. Emma Sena derýasy bilen Eýfel diňi Olimpiadanyň esasy nyşanlaryna öwrüldi. Pariž diýseň adamlar Eýfel hakynda pikir öwürýärler. Pariž Olimpiadasy diýseň hem şol ahwal seni terk edibermeýär. Şonuň üçin Olimpiadanyň açylyş dabarasy hakda gürrüň edilen wagty Eýfeli we Sena derýasyny agzaman geçmek mümkin däl. Şol ýerde türkmen Tugunu parlatmak bolsa olimpiýaçy türgenlerimiziň paýyna düşdi.

Aziýanyň kubogynyň we Ýewropanyň açyk çempionatynyň ýeňijisi, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby Maýsa Pardaýewa dzýudo ýaryşynda, halkara ýaryşlaryň ençemesiniň baýrakly orunlarynyň eýesi, Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby Musa Žalaýew suwda ýüzmek bäsleşiklerinde çykyş eder. Duşenbede guralan Gran-pri ýaryşynyň altyn medalynyň eýesi, Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby Serdar Rahimow dzýudo boýunça ýurdumyzyň sport abraýyny gorap çykyş eder. Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň uçurymy Dawranbek Hasanbaýew agyr atletika boýunça Olimpiýa oýunlarynyň synagyndan geçýär. Ine, şu talyplar we uçurym bolan türgenimiz her dört ýyldan halkara derejesinde geçirilýän dünýäniň iň iri sport bäsleşiginde, ýagny tomusky Olimpiýa oýunlarynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň adyndan wekilçilik ederler. Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň türgeni Aýnura Primowa suwda ýüzmek ýaryşynda, Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň «Gurluşyk we binagärlik sport kluby» hojalyk müdirliginiň 1-nji derejeli türgeni Walentina Meredowa ýeňil atletika ýaryşynda öz ukybyny görkezer.

Ýer ýüzüniň iň saýlama türgenlerini bir ýere jemleýän nobatdaky tomusky Olimpiadanyň açylyş dabarasyna türkmen wekiliýetiniň gatnaşandygyny buýsanç bilen nygtaýan wagtymyz, Türkmenistandan iň ýaş eminiň Pariž Olimpiadasyna gatnaşýandygyny aýtman geçmek bolmaz. Türkmenistanyň agyr atletika federasiýasynyň baş kätibi, Halkara agyr atletika federasiýasynyň tehniki komitetiniň agzasy Çarygeldi Mämmedow halkara derejeli emin hökmünde iri ýaryşlara gatnaşýar. Ol dünýä çempionatlarynyň we Aziýa oýunlarynyň synagyndan geçip, Tokio Olimpiadasynda eminlik etmäge çagyrylypdy. Aziýa yklymyna wekilçilik edýän eminler saýlanyp seçilende Türkmenistandan Çarygeldi Mämmedowyň saýlanyp alynmagy kanunalaýyklyk hasaplanylýar. Özem onuň Pariž Olimpiadasynda agyr atletika eminlik edýän hünärmenleriň iň ýaşydygyny bellemek gerek.

Sport ýurdundan sport baýramyna gatnaşmaga gelen türkmen türgenlerine Pariždäki tomusky Olimpiadanyň synagyndan üstünlikli geçmeklerini arzuw edýäris.

**Hojaberdi APBAÝEW,**
**Pariž şäherinden.**

# BUÝSANÇ DÖREDÝÄN BEÝIK IŞLER

◆ Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň döwletimizi dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň hataryna ýetirmek baradaky taýsyz tagallalarynyň Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe barha rowaçlanyp, ösüşleriň röwşen ýoluna düşendigini bu gün bütin dünýä ykrar edýär. Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan öňdengörüjilikli syýasatlary, beýik işleri biz ýaşlarda uly hyjuw, joşgun we ruhubelentlik döredýär.

Hormatly Prezidentimiziň «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly ilkinji kitaby ýaşlar üçin aýratyn ähmiýetlidir. Sebäbi Watanymyzyň ýaş nesli barada edilýän aladalar barha giň gerime eýe bolýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň hut özüniň goldamagynda ýurdumyzyň bilim ulgamyny kämilleşdirmek, ylmyň gazananlaryny durmuşa ornaşdyrmak babatda çynlakaý alada edip, ýaşlary kämil ylmyň we bilimiň ak ýoluna atarýar. Diýmek, ösýän we özgerýän Diýarymyzda ýaşlara aýratyn üns berilýär.

Ýaşlaryň beýik döwrümiziň ruhuna laýyk ösüp, kemala gelmegi, isleg bildirýän hünärlerini öwrenip, mynasyp kesp-käre eýe bolmaklary we zähmetde, döredijilikde, ylymda öz ukybyny synap görmegi üçin giň mümkinçilikler açylýar. Hormatly Prezidentimiziň «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly kitaby adamlaryň ykbalynyň belentliklere göterilýän zamanasynda türkmen ýaşlary üçin aýratyn ähmiýetli gollanma bolar. Çünki türkmen halky gadymy döwürlerde-de, häzirki




wagtda hem kitaba hormat goýup, oňa gymmatly hazyna hökmünde garaýar.

Hormatly Prezidentimiziň «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly kitabynda Watanymyzyň hemmetaraplaýyn gülläp ösmeginiň, kuwwatlanmagynyň, dünýäniň iň öňdebaryjy ýurtlarynyň birine öwrülmeginiň, ilkinji nobatda, ylymly-bilimli nesliň zehin baýlygy bilen gazanylýandygyna esaslanýan Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bilim, ylym, sport, medeniýet we beýleki ulgamlaryň gysga wagtyň içinde görlüp-eşidilmedik derejede özgerdip, ýaşlara dünýä derejesinde bilim bermek, giň dünýägaraýyşly, hemmetaraplaýyn ösen, başarjaň, ukyply ýaş nesli kemala getirmek maksady bilen ýaşlaryň Türkmenistan Diýarymyzy ýagty geljege alyp gitjek esasy güýç bolup durýanlygyna bolan ynamyny görmek bolýar. Bu ynam ýaşlaryň ýüreginde buýsanç we hoşallyk duýgusyny oýaryp, ýurdumyzyň ösmegi, özgermegi, bütin dünýäde ykrar edilmegi üçin öz mynasyp goşantlarymyzy goşmaga borçlandyrýar.

Hormatly Prezidentimiziň ýaşlar barada edýän bimöçber aladalaryna jogap edip, ýaşlara bildirýän uly ynamyny ödemek üçin Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň çuň manyly her bir sözünden, belent nusgalyk şahsy göreldesinden ugur alyp, «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda öňde goýlan ägirt uly wezipeleri durmuşa geçirmekde, ýaşlary döwrebap terbiýelemekde has önjeýli we halal zähmet çekeris.

Goý, hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak, il-ýurt bähbidinden ugur alýan beýik işleri hemişe rowaç bolsun!

**Zyýada KADAMOWA,**
**M.Garryýew adyndaky TDLU-nyň Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş okuw-ylmy merkeziniň bölüm müdiri.**

# ZÄHMETSÖÝERLIK — BAGTYÝARLYKDAN NYŞAN

◆ Zähmetsöýerlik ynsany bezeýän iň ýagşy häsiýetleriň biridir. Hut şonuň üçin hem şöhratly pederlerimiz nesil terbiýesinde bu meselä aýratyn ähmiýet beripdirler. Ösüp gelýän ýaşlaryň il-güne wepaly, ilhalar ynsanlar bolup ýetişmeklerini gazanmakda olaryň aňyna kiçilikden zähmetsöýerlik duýgularynyň ornaşmagyny gazanypdyrlar. Esasan hem, oglan çagajyklaryň eline kiçilikden pildir kätmen ýaly iş gurallaryny berseler, gyzjagazlara öý-içeriniň işleriniň ýany bilen boş wagtlary ellerine iňňedir sapak tutdurup, el işlerini hem ussatlyk bilen öwredipdirler. Bu peýdaly endikler ýaşlaryň boş wagtlaryny netijeli geçirmeklerini, peýdaly işlere sarp etmeklerini, ýaramaz hereketlerden daşda durmaklaryny gazandyrypdyr.

Ata-babalarymyz zähmetsöýerlik barada birnäçe pähimleri hem döredipdirler. «Işlemedik — dişlemez», «Tomus depesi gaýnamadygyň, gyş gazany gaýnamaz», «Peltesiz çyra ýanmaz, hünärsiz ile ýaramaz», «Altyn otda tanalar, adam — zähmetde», «Halal zähmet — baky döwlet», «Işläne bar, işlemedik nana zar», «Zähmetiň nany süýji, ýaltanyň jany», «Zähmet soňy — rehnet», «Halal işle, haýyr tap», «El görki — hünär» ýaly dürdäne sözler ýaşlaryň zähmete bolan söýgüsini, sarpasyny artdyrypdyr. Biz hem hormatly Prezidentimiziň jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleriniň öňünde goýan jogapkärli wezipelerinden ugur alyp, ýaşlary zähmetsöýerlik, Watana wepalylyk ruhunda terbiýelemekde alnyp barylýan işlere öz mynasyp goşandymyzy goşýarys. Şu günler etrabymyzyň çägindäki edara-kärhanalarda işleýän ýaşlaryň arasynda «Zähmetsöýerlik bagtyýarlyk we uzak ýaşamakdyr» diýen at bilen geçirýän wagyz-nesihat çärämize ýaş hünärmenler işjeň gatnaşýarlar. Şeýle çärelerde edilýän çykyşlarda ýaşlaryň dürli hünärlerden baş çykarmaklary ugrunda ýurdumyzda döredilýän mümkinçilikler dogrusynda aýratyn nygtalýar.

**Oraz AKMUHAMMEDOW,**
**TMÝG-niň Lebap welaýatynyň Çärjew etrap Geňeşiniň baş hünärmeni.**



# SPORT — SAGDYNLYGYŇ GIREWI

◆ Berkarar döwletimizde ýaşlaryň döwrebap bilim almaklary bilen birlikde sporty hemra edinip, Watanymyzyň sport abraýynyň galkynmagyna mynasyp goşant goşmaklary bagtyýarlykdan nyşandyr. Şeýle hem bu ugurda ýaşlar üçin döredilýän mümkinçilikler olaryň ussat we kämil başarnykly türgenler bolup ýetişmeklerine giň şertleri döredýär. Hormatly Prezidentimiziň jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleriniň öňlerinde goýan jogapkärli wezipelerinden ugur alyp, şeýle hem ýaşlary köpçülikleýin sporta çekmek, sagdyn nesilleriň kemala gelmegini gazanmak we olaryň başarnyklaryny kämilleşdirmek, ýaşlaryň arasynda dostluk-doganlyk gatnaşyklaryny berkitmek maksady bilen, biz hem dürli mazmunly sport çäreleriniň, ýaryşlaryň geçirilmegine işjeň gatnaşýarys. Golaýda Dänew etrabyndaky 2-nji sport mekdebinde sportuň kikboksing görnüşi boýunça guralan ýaryşlar hem tomus dynç alşyny şadyýanlykda geçirýän ýaşlar üçin hakyky sport baýramçylygyna öwrüldi.

Ýaryşa Lebap welaýatynyň etrap-şäherlerinden, şeýle hem Mary welaýatyndan ýaş türgenler gatnaşyp, öz aralarynda güýç synanyşdylar. Duşuşyklar geljegine umyt bildirilýän ýaş türgenleri saýlamaga uly mümkinçilik boldy. Ýaryşlaryň netijeleri boýunça ýaş kikboksçular Kerim Baýramow, Emir Atamuradow, Wepa Ikramow, Kerim Ergeşow, Alibek Rozybaýew, Alihan Derýaýew, Selim Mamedow, Mömin Ikramow, Ulugbek Ereşow, Alişer Aganiýazow, Nurmuhammet Jumaýew, Sanjar Suhrabow, Azat Allakulyýew, Sultan Setdarow, Alihan Dolyýew, Sylap Hallyýew, Şöhrat Arslanow, Akmuhammet Akyýew, Ruslan Artykow, Mahmut Kabulow dagy öz agram derejeleri boýunça ýeňiş gazandylar. Ýeňijilere Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Lebap welaýatynyň Dänew etrap Geňeşi tarapyndan ýadygärlik sowgatlary dabaraly ýagdaýda gowşuryldy.

**Gülbahar BEŞIMOWA,**
**TMÝG-niň Lebap welaýatynyň Dänew etrap Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni.**

# ÝAŞLAR — ÝAGTY ERTIRLERIŇ EÝELERI



◆ Hormatly Prezidentimiziň ýaşlar syýasatyny durmuşa geçirmegi netijesinde ata-babalarymyzdan miras galan däpdessurlar esasynda mynasyp ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmek boýunça zerur bolan işler amala aşyrylýar. Ýurdumyzyň geljegi bolan ýaşlara ählitaraplaýyn goldawlar berilýär.

Ýagty ertirlerimiziň eýeleri bolan ýaşlaryň hemmetaraplaýyn ösen, ruhy taýdan sagdyn, işbaşarjaň hem zehinli bolup ýetişmekleri üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Häzirki ajaýyp döwrümizde halkymyzyň uzak taryhyň dowamynda toplan, kämilleşdiren baý durmuş tejribesine, häzirki zaman ylmynyň, medeniýetiniň gazananlaryna daýanylyp, türkmen ýaşlarynyň bilim, ylym, medeni we ruhy ahlak taýdan sazlaşykly ösmegine uly şertler döredilýär. Hormatly Prezidentimiz ýurduň ygtybarly daýanjy hem guwanjy bolan ýaşlaryň päk terbiýe, döwrebap bilim almagyna aýratyn üns berýär. Watansöýüji, giň gözýetimli, ahlak taýdan arassa we ynsanperwer ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmek ugrunda ençeme işler durmuşa geçirilýär.

Ýurdumyzyň ýaş neslini watançylyk ruhunda terbiýelemek bilen bir hatarda, olara taryhy ösüşiň esasy maksatlaryny, häzirki zaman meýillerini, döwlet syýasatynyň ugurlaryny düşündirmäge, häzirki taryhy döwürde ýaýbaňlandyrylan ägirt uly özgertmeleriň many-mazmunyny açyp görkezmäge uly üns berilýär. Ýaşlary ýüzýyllyklaryň dowamynda halkymyz tarapyndan döredilen milli ruhy gymmatlyklaryň esasynda terbiýelemek, Watanymyzyň ýeten derejesine buýsanýan, jemgyýete wepaly, zähmetsöýer, ylymly, bilimli, ýurdumyzyň hemmetaraplaýyn ösüşine mynasyp goşant goşýan kämil nesilleri kemala getirmek hormatly Prezidentimiziň alyp barýan döwlet syýasatynyň möhüm ugrudyr.

Ýurdumyzy ösen we kuwwatly döwlete öwürmäge gönükdirilen giň möçberli özgertmeler durmuşa geçirilýär. Milli bilim ulgamynda gazanylýan üstünlikleriň, ýetilýän belent sepgitleriň guwandyryjy netijeleri halkymyzy täze ýeňişlere ruhlandyrýar. Ýurdumyzda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasynyň tassyklanylmagy ýaş neslimiziň dünýä ölçeglerine laýyk bilim almaklaryna, Watanymyzyň ykdysady, syýasy, medeni durmuşyna mynasyp goşant goşmaklaryna, dünýäniň ylym-bilim babatynda gazananlaryndan habarly we kämil hünärmenler bolup ýetişmeklerine mümkinçilikleri döredýär.

Elbetde, ösüp gelýän ýaş neslimiz bilen Watanymyzyň bagtly geljegi berk baglanyşyklydyr. Şonuň üçin hem häzirki wagtda eziz Diýarymyzda ýaşlar baradaky döwlet syýasaty üstünlikli amala aşyrylýar. Elbetde, okamak we öwrenmek, sport bilen meşgullanmak, döredijilikli we yhlasly zähmet çekmek bilen eziz Watanymyzyň gülläp ösmegine mynasyp goşant goşmak bagtyýar nesillerimiziň baş maksady bolup durýar. Nesillerimiz hakynda yzygiderli alada edýän Gahryman Arkadagymyza we hormatly Prezidentimize alkyş aýdýarys.

**Nurbibi HOJAGURBANOWA,**
**Balkanabat şäheriniň 47-nji çagalar bakja bagynyň müdiri, Ilkinji ýaşlar guramasynyň işjeň agzasy.**




# SERDAR RAHIMOW,

**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.**

XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlarynda erkekleriň toparynda 66 kilogram agram derejesinde çykyş eder.

12.02.2004: Lebap welaýatynyň Hojambaz etrabynyň Hojambaz şäherinde doglan.

**Sportuň görnüşi:** dzýudo.

**Agram derejesi:** 66 kilogram.

**Sport derejesi:** sport ussatlygyna dalaşgär.

**Gazanan netijeleri:**

V Yslam Raýdaşlygy Oýunlary, Olimpiýa ýollanmasyna utuk toplady, Konýa şäheri, Türkiýe Respublikasy, 15 — 17. 08. 2022;

«Gran-Pri» halkara ýaryşy, Olimpiýa ýollanmasyna utuk toplady, Lissabon şäheri, Portugaliýa, 27 — 29. 01. 2023 ýyl;

Ýewropanyň Açyk çempionaty, 2-nji orun, Rim şäheri, Italiýa Respublikasy, 11-12. 03. 2023;

Ýaşlaryň arasynda Ýewropanyň Kubogy, 1-nji orun, Saraýewo şäheri, Bosniýa we Gersegowina, 18-19. 03. 2023;

«Gran-Pri» halkara ýaryşy, Olimpiýa ýollanmasyna utuk toplady, Tbilisi şäheri, Gruziýa, 24 — 26. 03. 2023;

Ýaşlaryň we ýetginjekleriň arasynda Aziýanyň kubogy, 2-nji orun, Daşkent şäheri, Özbegistan Respublikasy, 27 — 30. 07. 2023;

Ýewropanyň Açyk çempionaty, 2-nji orun, Warşawa şäheri, Polşa Respublikasy, 25-26. 02. 2024;

Ýewropanyň Açyk Kubogy, 2-nji orun, Riga şäheri, Latwiýa Respublikasy, 16-17. 03. 2024;

«Gran-Pri» halkara ýaryşy, 1-nji orun, Duşanbe şäheri, Täjigistan Respublikasy, 03-05. 05. 2024.

**Birinji tälimçisi:** B. Şerapow

**Tälimçisi:** T. Kazuhiko




# MAÝSA PARDAÝEWA,

**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby.**

XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlarynda gelin-gyzlaryň toparynda sportuň dzýudo görnüşi boýunça 57 kilogram agram derejesinde çykyş eder.

14.02.2005: Lebap welaýatynyň Köýtendag etrabynyň Garnas geňeşliginde doglan.

**Sportuň görnüşi:** dzýudo.

**Agram derejesi:** 57 kilogram.

**Sport derejesi:** 1-nji derejeli.

**Gazanan netijeleri:**

Ýaşlaryň arasynda Aziýanyň Kubogy, 1-nji orun, Almaty şäheri, Gazagystan Respublikasy, 13 — 15. 05. 2022;

Ýaşlaryň arasynda Ýewropanyň Kubogy, 2-nji orun, Saraýewo şäheri, Bosniýa we Gersegowina, 18-19. 03. 2023;

Aziýanyň açyk çempionaty, 3-nji orun, El-Kuweýt şäheri, Kuweýt, 28-29. 04. 2023;

Ýaşlaryň we ýetginjekleriň arasynda Aziýanyň Kubogy, 1-nji orun, Daşkent şäheri, Özbegistan Respublikasy, 27 — 30. 07. 2023;

XIX Aziýa oýunlary, 3-nji orun, Hançžou şäheri, Hytaý Halk Respublikasy, 23.09 — 08.10.2023;

Ýewropanyň açyk çempionaty, 1-nji orun. Warşawa şäheri, Polşa Respublikasy, 25-26. 02. 2024;

«Grand Slam» halkara ýaryşy, 3-nji orun, Antalýa şäheri, Türkiýe Respublikasy, 29 — 31. 03. 2024.

**Birinji tälimçisi:** J. Matnazarow.

**Tälimçisi:** T. Kazuhiko.




# MUSA ŽALAÝEW,

**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.**

XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlarynda erkekleriň toparynda 100 metr aralyga erkin ýüzmek görnüşi boýunça çykyş eder.

15.05.2003: Aşgabat şäherinde doglan.

**Sportuň görnüşi:** suwda ýüzmek (100 metr erkin ýüzmek).

**Sport derejesi:** halkara derejeli sport ussady.

**Gazanan netijeleri:**

Bütindünýä suwdaky sportuň görnüşleriniň (World Aquatics) okuw-türgenleşik ýygnanyşygy, Kazan şäheri, Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasy, 01. 11. 2019 — 01. 10. 2020;

Aziýanyň açyk çempionaty, 50 metr erkin usulda ýüzmekde 1-nji orun, 100 metr erkin usulda ýüzmekde 2-nji orun, Bangkok şäheri, Taýland Patyşalygy, 03 — 07. 03. 2023;

«Uzbekistan Swimming Championships 2023» atly halkara ýaryşy, 100 metr erkin usulda ýüzmekde 2-nji orun, Daşkent şäheri, Özbegistan Respublikasy, 16 — 23.04.2023.

**Birinji tälimçisi:** D. Nowikow.

**Tälimçisi:** D. Nowikow.




# DAWRANBEK HASANBAÝEW,

**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň uçurymy.**

XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlarynda erkekleriň toparynda agyr atletika boýunça 102 kilogram agram derejesinde çykyş eder.

24. 12. 2000-nji ýylda Daşoguz welaýatynda doglan.

**Sportuň görnüşi:** agyr atletika.

**Agram derejesi:** 102 kilogram.

**Sport derejesi:** sport ussady.

**Gazanan netijeleri:**

5-nji Yslam Raýdaşlyk Oýunlary, Olimpiýa ýollanmasyna utuk toplady, Konýa şäheri, Türkiýe, 11. 08. 2022

Aziýa çempionaty, Olimpiýa ýollanmasyna utuk toplady, Manama şäheri, Bahreýn Patyşalygy, 06. 10. 2022;

Aziýa çempionaty, Olimpiýa ýollanmasyna utuk toplady, Jinju şäheri, Koreýa Respublikasy, 05. 05. 2023;

Dünýä çempionaty, Olimpiýa ýollanmasyna utuk toplady, Er-Riýad şäheri, Saud Arabystany Patyşalygy, 04. 09. 2023 ýyl;

Aziýa çempionaty, Olimpiýa ýollanmasyna utuk toplady, Daşkent şäheri, Özbegistan Respublikasy, 03. 02. 2024;

Dünýä kubogy, Olimpiýa ýollanmasyna utuk toplady, Phuket şäheri, Taýland Patyşalygy, 31. 03. 2024.

**Birinji tälimçisi:** M. Jumaýew.

**Tälimçisi:** M. Rejepow.




# AÝNURA PRIMOWA,

**Türkmenistanyň Suwdaky sport görnüşleriniň federasiýasynyň türgeni.**

XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlarynda gelin-gyzlaryň toparynda 100 metr arkanlygyna ýüzmek görnüşi boýunça çykyş eder.

02.09.2006: Aşgabat şäherinde doglan.

**Sportuň görnüşi:** suwda ýüzmek.

**Sport derejesi:** sport ussady.

**Gazanan netijeleri:**

Aziýanyň açyk çempionaty, 50 metr arkanlygyna ýüzmekde 1-nji orun, 100 metr arkanlygyna ýüzmekde 2-nji orun, Bangkok şäheri, Taýland Patyşalygy, 03 — 07. 03.2023; «Uzbekistan Swimming Championships 2023» atly halkara ýaryşy, 100 metr arkanlygyna ýüzmekde 3-nji orun, Daşkent şäheri, Özbegistan Respublikasy, 16-23.04. 2023.

**Birinji tälimçisi:** S. Ýepifanow.

**Tälimçisi:** D. Nowikow.




# WALENTINA MEREDOWA,

**Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň «Gurluşyk we binagärlik sport kluby» hojalyk müdirliginiň 1-nji derejeli türgeni.**

XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlarynda gelin-gyzlaryň toparynda 100 metr ylgamak görnüşi boýunça çykyş eder.

29. 09. 1984: Aşgabat şäherinde doglan.

**Sportuň görnüşi:** ýeňil atletika (100 metr ylgamak).

**Sport derejesi:** sport ussady.

**Gazanan netijeleri:**

Ýapyk binalarda Aziýa çempionaty, 2-nji orun, Almaty şäheri, Gazagystan Respublikasy, 10. 02. 2023;

Ýapyk binalarda Aziýa çempionaty, 2-nji orun, Tähran şäheri, Eýran Yslam Respublikasy, 18. 02. 2024;

Merkezi Aziýanyň açyk çempionaty, 3-nji orun, Daşkent şäheri, Özbegistan Respublikasy, 18. 05. 2024;

Halkara ýaryşy, Olimpiýa ýollanmasyna utuk toplady, Almaty şäheri, Gazagystan Respublikasy, 22. 06. 2024.

**Birinji tälimçisi:** B. Aşyrmyradow.




# ÇARYGELDI MÄMMEDOW,

**Türkmenistanyň Agyr atletika milli federasiýasynyň baş kätibi, halkara derejeli emin:**

— Türkmenistan döwletimiz ähli ulgamlar bilen bir hatarda ýokary sportda hem ägirt uly ösüşleri, öňegidişlikleri başdan geçirýär. Milli türgenlerimiziň halkara derejeli okuw-türgenleşik ýygnanyşyklarynda, çempionatlarda, Kuboklarda üstünlikli çykyş edip, Fransiýanyň Pariž şäherinde geçiriljän XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlaryna gatnaşmaga ýollanma gazanmaklary aýdylanlary aýdyň tassyk edýän buýsançly ýagdaýdyr.

Özümiň bu ulgamda çekýän zähmetim göz öňünde tutulyp, bu iri halkara derejeli Oýunlarda agyr atletika görnüşi boýunça eminlik etmek üçin saýlanyp alynmagym meniň Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň raýatydygyma bolan buýsanjymy has-da artdyrýar. Dünýä jemgyýetçiliginiň giňden ykrar edişi ýaly, biziň döwletimiz dünýäde asudalygyň, parahatçylygyň, abadanlygyň we jebisligiň binýatlaryny berkitmek ugrunda dürli diplomatik gurallary öňe sürýär. Türkmenistanyň sport diplomatiýasy bu ugurda aýratyn möhüm jemgyýetçilik-syýasy gural hökmünde orta çykýar.

Men XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlarynda eminlik etmek üçin saýlanyp alynmagyma, bize işlemäge, döretmäge, türgenleşikleri geçirmäge giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden alkyş aýdýaryn. Türgenlerimiziň halkara derejeli iri sport çäresinde üstünlikli çykyş etjekdiklerine ynanýaryn.




# ATA AKMÄMMEDOW,

## Türkmenistanyň Milli Olimpiýa komitetiniň baş sekretary:

— Ata Watanymyzyň Garaşsyzlyk hukuk derejesini almagy bilen geçen otuz ýyldan gowrak wagtyň dowamynda Türkmenistan ähli babatlarda, şol sanda sportda, sportuň Olimpiýa görnüşleri babatda uly ösüşlere ýetdi. Gahryman Arkadagymyzyň binýadyny goýan, bu gün hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen täze tapgyrlara çykarylýan Türkmenistanyň sport diplomatiýasy dünýä döwletlerini, halklaryny dost-doganlyga, hoşniýetli gatnaşyklary ösdürmäge çagyrýan möhüm jemgyýetçilik-syýasy ugur hökmünde öz ornuny berkidýär.

Fransiýanyň Pariž şäherinde geçirilýän XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlaryna Türkmenistanyň milli ýygyndy toparynyň, olimpiýaçy türgenlerimiziň gatnaşýandygy biz üçin uly buýsançdyr.

Türkmenistanyň Milli Olimpiýa komiteti Türkmenistanda sportuň Olimpiýa görnüşlerini ösdürmekde öz mynasyp goşandyny goşýar. Ýaşlarda beden terbiýesini ösdürmekde, sporta höwes döretmekde ýörite tassyklanylan meýilnamalar we maksatnamalar esasynda yzygiderli işleri alyp barýar.

Biz geljekde hem öňde durýan möhüm wezipeleri aýdyň amal edip, ýaş olimpiýaçy türgenleri we olimpiýa hereketlerini ösdürmekde yhlasly zähmet çekeris. Bize işlemäge, döretmäge, türgenleşmäge giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza jan saglyk, döwletli başlangyçlarynda hemişe üstünlik arzuw edýäris.




# ORAZGELDI MANAÝEW,

## Türkmenistanyň dzýudo federasiýasynyň sport lukmany:

— Fransiýanyň Pariž şäherinde geçirilýän XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlaryna ýurdumyzdan türgenleriň 6-synyň gatnaşýandygy her birimiz üçin uly buýsançdyr. Olar dünýä möçberinde iň iri we abraýly halkara ýaryşyna gatnaşmak üçin ýollanmany dürli ýerlerde geçirilen okuw-türgenleşik ýygnanyşyklaryna, çempionatlara, Kuboklara gatnaşyp gazanan ýokary görkezijileri esasynda gazandylar.

Şeýle çärelerde milli ýygyndy toparlarymyzyň agzalarynyň ýanynda bolmak bilen, olara lukmançylyk gözegçiligini amala aşyrýan hünärmen hökmünde bir buýsançly ýagdaýy aýratyn belläsim gelýär. Şeýle çärelere gatnaşmak üçin dünýäniň islendik ýurduna iş sapary bilen baranymyzda, türkmen topragyndan baran myhmanlaryň hoşniýetli we güler ýüz bilen garşylanýandygyna şaýat bolýaryn. Munuň özi, ozaly bilen, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň üstünlikli alyp barýan sport diplomatiýasynyň aýdyň miwesidir. Şeýle-de milli türgenlerimiziň hemişe, her bir pursatda halallyga, adalatly ýeňiş gazanmaga bolan ymtylmalarynyň dünýäniň sport jemgyýetçiliginiň nazaryndan sowa geçmeýänliginiň netijesidir.

Özüme bu gezekki dünýä derejeli iň iri sport bäsleşikleri wagtynda milli türgenlerimiziň ýanynda bolýan lukman hökmünde saýlanyp alnandygym üçin Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden alkyşlarymy aýdýaryn.

# OLIMPIADA TÄZELIKLERI

**TÜRKMEN OLIMPIÝAÇYLARYNY GARŞYLAMAK DABARASY**

2024-nji ýylyň 23-nji iýulynda Pariž şäheriniň Şarl de Goll adyndaky halkara howa menzilinde Türkmenistanyň XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlaryna gatnaşýan sport wekiliýetini garşylamak dabarasy boldy. Dabara Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň we Milli Olimpiýa komitetiniň ýolbaşçylary, Türkmenistanyň Fransiýa Respublikasyndaky ilçihanasynyň jogapkär işgärleri, Pariž Olimpiadasynyň guramaçylyk komitetiniň wekilleri, şeýle-de meýletinçiler gatnaşdylar.

Türkmenistan döwletimiziň ýaşyl Tugunу elinde göterip gelen meýletinçileriň uzyn hatarynyň öňünden geçen Olimpiýaçy türgenlerimizi garşylamagy buýsançly duýgy döretdi. Milli lybasly gyzlaryň duz-çörekli garşylamagy bolsa alys Fransiýada türkmen halkynyň däp-dessurlaryna uly hormat goýulýandygynyň nyşany boldy. Dabaranyň dowamynda ol ýere baranlaryň ellerinde galgaýan ýaşyl baýdaklara gözüň düşende özüňi türkmen topragynda ýaly duýýarsyň.

Soňra Türkmenistanyň sport wekiliýetiniň düzümindäki türgenler we tälimçiler Olimpiýa obasyna gelip, bu ýerde ýaşamaly hem-de türgenleşik geçmeli ýerleri bilen tanyşdyryldy. Türkmenistanyň XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlaryna sportuň 4 görnüşi: agyr atletika, dzýudo, ýeňil atletika we suwda ýüzmek boýunça ýaryşlara gatnaşýandygyny ýatladýarys.

**TÜRKMEN TÜRGENLERI OLIMPIÝA OBASYNDA**

Fransiýanyň paýtagty Pariž şäheriniň demirgazygynda ýerleşýän Olimpiýa obasy Olimpiýaçylary kabul edýär. Pariž Olimpiadasynyň geçýän günleri ol ýerde 14 müňden gowrak adam, şol sanda 9 müň töweregi türgen ýaşar. Türkmenistanyň sport wekiliýeti 23-nji iýulda Parižde dabaraly garşylanyp, şol gün Olimpiýa obasynda ýerleşdirildi. Binanyň 10-njy gatynda türkmen Baýdagyny we «Team Turkmenistan» ýazgysyny gören mahalyň buýsanjyň artýar.

Türkmen türgenleri Pariž Olimpiadasynyň guramaçylarynyň soňlugy bilen döwrebap ýaşaýyş jaýlaryna öwrüljek Olimpiýa obasynda ýaşamak üçin amatly şertleri döredendiklerini aýdýarlar. Tomusky Olimpiada tamamlanansoň geçiriljek Paralimpiada gatnaşýan 9 müň töweregi türgeniň hem şol ýerde ýaşajakdygyny ýatladýarys.

Olimpiýa obasynyň meýdany 52 gektara barabar bolup, ol Sent-Ouen, Sen-Deni we Il-Sen-Deni etraplarynyň sepgidinde ýerleşýär. «Stad de Frans» stadionynyň golaýyndaky boşluk meýdan indi 40 töweregi desgany, şol sanda köp gatly ýaşaýyş jaýlaryny, hassahanany, doping merkezini we türgenleşik desgalaryny öz içine alýar. Ol ýerde hünärmenleriň 4000-si, meýletinçileriň 1500-si myhmanlara hyzmat edýär.

**TÜRKMENISTANLY OLIMPIÝAÇYLARYŇ ILKINJI TÜRGENLEŞIKLERI**

2024-nji ýylyň 24-nji iýulynda XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlaryna gatnaşmak üçin Fransiýanyň Pariž şäherinde bolýan ýygyndy toparymyzyň türgenleriniň ilkinji türgenleşikleri geçirildi.

Suwda ýüzmek boýunça ýygyndy toparymyzyň türgenleri günüň birinji ýarymynda ilkinji türgenleşiklerini geçirdiler. Bu toparyň düzüminde 100 metre erkin ýüzmek boýunça türgen, halkara derejeli sport ussady Musa Žalaýew bilen 100 metre arkanlygyna ýüzmek boýunça türgen, Türkmenistanyň sport ussady Aýnura Primowa bar. Türgenleşiklerde Musa Žalaýewe we Aýnura Primowa Dmitriý Nowikow tälimçilik edýär. Tälimçi bilen gürrüňdeş bolanymyzda meýilnama boýunça her günde 2 wagtyna türgenleşmegiň göz öňünde tutulandygyny gürrüň berdi. Ildeşlerimiziň 29-njy we 30-njy iýulda Olimpiýa oýunlaryndaky çykyşlary bolar.

Ýeňil atletika boýunça ýygyndy toparymyz ýörite göz öňünde tutulan türgenleşik desgalarynda türgenleşiklere başlady. Toparyň düzüminde 100 metr aralyga ylgamak boýunça türgen, Türkmenistanyň sport ussady Walentina Meredowa bar. Oňa Baýmyrat Aşyrmyradow tälimçilik edýär. Türkmenistanly türgen Walentina Meredowa 2-nji awgustda ýaryş meýdançasyna çykar.

Günüň ikinji ýarymynda dzýudo boýunça ýygyndy toparymyzyň türgenleri ilkinji türgenleşiklerine girişdiler. Bu toparyň düzüminde dzýudo boýunça 66 kilogram derejesinde çykyş edýän türgen, sport ussatlygyna dalaşgär Serdar Rahimow we 57 kilogram agram derejesinde çykyş edýän türgen gyz Maýsa Pardaýewa bar. Bu türgenleşikleri ýaponiýaly tälimçi Tokuno Kazuhiko bilen Tatýana Widýasowa alyp barýar. Türkmenistanly dzýudoçylar 27-nji we 28-nji iýulda Olimpiýa oýunlaryndaky ilkinji tutluşyklaryny geçirdiler.

Parižе baran ilkinji günlerinden ýaýbaňlanan türgenleşik çäreleri türkmenistanly türgenleriň öňde boljak Olimpiýa oýunlarynda üstünlikli çykyş etjekdiklerine ynam döredýär.

**58 ÝAŞLY TÜRGEN OLIMPIÝA OÝUNLARYNDA**

Çiliniň Olimpiýa oýunlaryna gatnaşjak türgenleriniň hatarynda 58 ýaşly zenan türgen Çžin Szen hem bar. Ol XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlarynda stoluň üstünde oýnalýan tennis boýunça öz ýurdunyň adyndan wekilçilik eder.

Çžen Szeniň Olimpiýa oýunlaryna gatnaşyp görmegi ilkinji gezekdir. Ol 2019-njy ýylda stoluň üstünde oýnalýan tennis boýunça hünärleýin derejede ýaryşlara gatnaşyp başlady. 2023-nji ýylda bolsa Panamerika oýunlarynda bürünç medal gazandy.

**Leýla KÜRENOWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**





# ÜSTÜNLIK ARZUW EDÝÄRIS

Mekdep okuwçylarynyň, talyp ýaşlaryň tomus dynç alşyna çykmagy bilen, mugallymlaryň durmuşynda täze okuw ýyly üçin zähmet rugsady we okuw-usuly taýýarlyk arakesmesi döwri başlanýar. Şeýle pursatlarda Garaşsyz döwletimiziň durmuşynda bolup geçýän möhüm jemgyýetçilik-syýasy ähmiýetli çärelere, medeni-sport başlangyçly iri toýlara, sport baýramçylyklaryna has içgin tomaşa edip, gözýetimiňi giňeltmäge ajaýyp şertler döreýär.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tabşyrygy bilen, 22-nji iýulda olimpiýaçy türgenlerimiziň 26-njy iýulda Fransiýanyň Pariž şäherinde badalga alan XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlaryna ak pata berip ýola salmak dabarasyny teleýaýlym arkaly synlap, milli sportumyzyň ösüp ýeten derejesine buýsanjymyz has-da artdy. Şonuň yzysüre, 23-nji iýulda Pariž şäherinde milli ýygyndy toparymyzyň agzalarynyň dabaraly garşylanyş çäresine tomaşa edip, dünýä giňişliklerinde, dostlukly ýurduň goýnunda belentden parlaýan ýaşyl Tugumyza ýene-de bir mertebe söýgimiz, hormat-sarpamyz artdy. Ýaşyl lybas geýen türgenlerimizdir meýletinçilerimiz, milli lybas geýen türkmen gyzlarymyz dünýäniň gözellik dessanyna ölmez-ýitmez aýdym bolup giren ajaýyp şäheriň gözelligine gözellik goşdular. Olaryň ýokary myhmansöýerlik bilen garşy alynmagy dostlukly ýurtda Türkmenistan döwletimize goýulýan belent sarpanyň nyşany boldy.

Olimpiýaçy türgenlerimiziň we ýurdumyzdan baran wekillerimiziň oýunlarynyň geçiriljek ýerleri, türgenleşik zallary we ýaşamaly ýerleri bilen tanyş bolmaklary, bu pursatlarda olaryň dostlukly ýurduň we Halkara olimpiýa komitetiniň wekilleri tarapyndan hormat bilen ugradylmagy milli türgenlerimiziň bu iň iri abraýly halkara sport bäsleşiginde ýeňiş gazanjakdyklaryna ynamymyzy artdyrdy.

Şeýle buýsançly pursatlara tomaşa etmek bilen, biz halkymyza şeýle eşretli zamanany peşgeş beren, işlemäge, döretmäge, ylym we sport bilen meşgullanmaga giň şertleri döredip beren Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza jan saglyk, il-ýurt bähbitli döwletli işlerinde elmydama rowaçlyk, üstünlik arzuw etdik.

Biz milli türgenlerimiziň Olimpiýa oýunlarynyň medallary bilen dolanyp gelmeklerini tüýs ýürekden arzuw edýäris. Üstünlik hemraňyz bolsun!

**Gözel AKMYRADOWA,**
**Tagtabazar etrabyndaky 9-njy orta mekdebiň türkmen dili we edebiýaty mugallymy.**

# XXXIII TOMUSKY OLIMPIÝA OÝUNLARY HAKYNDA

◆ 2024-nji ýylda tomusky Olimpiýa oýunlaryny geçirmek üçin dünýäniň meşhur şäherleriniň birnäçesi ( Pariž, Los-Anželes, Gamburg, Rim, Budapeşt) dalaşgär boldular. Şolaryň içinden Fransiýa respublikasynyň Pariž şäheri sesleriň has köplügini gazanyp, taryhda bu oýunlary üçünji gezek ýer eýesi hökmünde geçirmäge hukuk gazandy. 2017-nji ýylyň 13-nji sentýabrynda Peru döwletiniň Lima şäherinde Halkara Olimpiýa komitetiniň 131-nji sessiýasynda bu hukuk resmi taýdan ykrar edilipdi.

◆ Öňki ýyllarda bolşy ýaly, bu gezekki tomusky Olimpiýa oýunlarynda hem suwda ýüzmekde, ýeňil atletikada, gimnastikada, welosportda has köp medallar gowşurylar.

◆ Tomusky Olimpiýa oýunlarynda Parižde geçiriljek tennis boýunça duşuşyklara dünýäniň belli raketkaçylarynyň gatnaşjakdygy hakynda eýýäm maglumatlar peýda boldy. Ýannik Sinner (Italiýa), Karlos Alkaras (Ispaniýa), Aleksander Zwerew (Germaniýa), Nowak Jokowiç (Serbiýa), Teýlor Friz (ABŞ), Rafael Nadal (Ispaniýa). Mundan başga-da, şol maglumatda ýene-de onlarça tennisçileriň atlary agzalyp geçilýär.

◆ Basketbol boýunça ýaryşlara erkeklerden 12 sany milli ýygyndy gatnaşar. Olaryň içinde Aziýa yklymyndan ýeketäk Ýaponiýanyň basketbol boýunça milli ýygyndysy bar. Ýaryşa 16 gezek Olimpiýa çempionlygyny gazanan ABŞ-nyň milli ýygyndysynyň gatnaşmagynyň janköýerleriň sanyny hasam artdyrjakdygy şek-şübhesiz görnüp dur. Sebäbi olaryň toparynda Lebron Jeýms, Kewin Durant, Stiwen Kerry, Dewin Buker, Jeýson Teýtum, Derrik Uaýt ýaly NBA-da örän meşhurlyk gazanan basketbol ýyldyzlarynyň meýdança çykmagyna sabyrsyzlyk bilen garaşylýar.

◆ Futbolda bolsa erkeklerde 16 sany milli ýygyndy bu ýaryşa gatnaşmak mümkinçiligini ulanýar. Olaryň içinde Özbegistan ýaly bu oýunlara ilkinji gezek gatnaşýanlary, ýa-da Braziliýa, Argentina ýaly has güýçli milli ýygyndylaryň bardygyny aýdyp bileris.

**Parahat MÄMMETNUROW,**
**Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň «Sport» teleýaýlymynyň teswirleýjisi.**





# HALKARA GATNAŞYKLARYNDA WE DAŞARY SYÝASATDA SPORT BABATDA HYZMATDAŞLYKLARYŇ ÄHMIÝETI

Mälim bolşy ýaly, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda bedenterbiýe we sport jemgyýetiň sagdynlygyny üpjün edýän gymmatlyk hökmünde orta çykýar. «Ýokary sportda Türkmenistany dünýä tanatmak meniň esasy maksatlarymyň biridir» diýýän hormatly Belent Serkerdebaşymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallasy bilen, jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgelerini ornaşdyrmak, köpçülikleýin bedenterbiýäni we sporty wagyz etmek, diňe bir içeri syýasatyň möhüm bölegi bolmak bilen çäklenmän, eýsem onuň many-mazmun babatda dowamy bolan daşary syýasatda, halkara gatnaşyklarynda hem dünýäde we sebitde asudalygy, parahatçylygy, jebisligi gorap saklamak, dost-doganlyk, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny nobatdaky tapgyrlarda ösdürmek babatda möhüm jemgyýetçilik-syýasy gural hökmünde aýratyn ähmiýete eýe bolýar.

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary bilen, Türkmenistanda bu möhüm ulgamy ösdürmek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwrüldi. Şondan bäri geçen gysga döwrüň dowamynda bu ugurda öňde goýlan wezipeleri amala aşyrmak maksady bilen, ýurtda bu hereketleriň täze usullary kemala getirildi. Bu usullara aýdyň mysal hökmünde türkmen ýaşlarynyň arasyndan sportuň, şol sanda onuň Olimpiýa görnüşleri boýunça ukyply, zehinli türgenleri ýüze çykarmak, olar bilen ussatlyk mekdebini geçmek babatda amala aşyrylan işleri buýsanç bilen bellemek bolar.

Geçen onýyllyklaryň dowamynda ýurdumyzyň paýtagtynda, welaýatlarynda, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda, Arkadag şäherinde köpugurly stadionlar, bedenterbiýe we sagaldyş toplumlary, aýlawlar, sport mekdepleri we beýleki desgalar gurlup ulanylmaga berildi. Olar diňe bir döwlet derejesinde däl-de, eýsem halkara derejesinde ýaryşlary, çempionatlary, Kuboklary, şeýle hem şu hili iri ýaryşlaryň öňüsyrasynda guralýan halkara okuw-türgenleşik ýygnanyşyklaryny geçirmäge ähli babatlarda bellenilen halkara talaplaryna laýyk gelýär. Tutuşlygyna alnanda, paýtagtymyzdaky Olimpiýa şäherçesi özünde döredilen şeýle mümkinçilikler bilen 2017-nji ýylda Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlaryny guramaga we geçirmäge ýardam beren bolsa, onuň düzümindäki aýry-aýry sport toplumlary soňra 2018-nji ýylda Agyr atletika boýunça dünýä çempionatyny, 2023-nji ýylda Kuraş boýunça XIV dünýä çempionatyny geçirmäge zamanabap maddy-enjamlaýyn binýat bolup hyzmat etdi. 2023-nji ýylyň noýabr aýynda Olimpiýa şäherçesiniň Başa-baş söweş sungaty sport toplumynda geçirilen Kuraş boýunça XIV




dünýä çempionaty Kuraş boýunça geçirilen çempionatlaryň iň gowusy diýlip, şeýle hem onda milli ýygyndy toparymyza tälimçilik eden Dörtguly Tejenow Kuraş boýunça ýylyň iň gowy tälimçisi diýlip yglan edildi.

2023-nji ýylda Türkmenistan ÝUNESKO-nyň Bedenterbiýe we sport baradaky Hökümetara geňeşiniň agzalygyna saýlandy. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylymyz bu ösüşleriň sanawyna Aşgabadyň «Arkalaşygyň täze sport mümkinçilikleriniň şäheri» diýen çözgüdi, şeýle hem Olimpiýa şäherçesiniň Tennis toplumynyň «Merkezi Aziýa tennis federasiýasynyň Okuw-türgenleşik merkezi» diýlip yglan edilmegini bagyş etdi. Paýtagtymyzda aprel aýynda geçirilen Hokkeý boýunça halkara ýaryşy özüniň guramaçylyk hem-de beýleki görkezijileri bilen halkara guramalaryň ýokary bahasyna mynasyp boldy.

Gahryman Arkadagymyzyň gönüden-göni tagallalary bilen, Türkmenistanda sportuň gyşky görnüşleri bilen meşgullanmaga hem giň mümkinçilikler döredildi. Aşgabatda Sportuň gyşky görnüşleri boýunça sport toplumy, Golf sport toplumy, dünýä ölçeglerine laýyk gelýän Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda uly göwrümli buz meýdançalaryndan ybarat bolan köpugurly sport toplumy guruldy. Ýurdumyzda hokkeý boýunça milli çempionat oýunlary geçirilýär, şeýle hem sportuň buzda figuralaýyn typmak we şort-trek ýaly görnüşleri ösdürilýär. Ýurdumyzda şaýbaly hokkeý boýunça hem çempionatlar geçirilýär. Türkmenistanyň hokkeý boýunça ýygyndy topary halkara derejesine çykdy. Şu ýylyň aprel aýynda paýtagtymyzdaky Gyşky oýunlar sport toplumynda geçirilen Hokkeý boýunça halkara ýaryşy sportuň bu görnüşi boýunça milli toparlarymyzyň hem ýokary ösüş basgançaklaryndan barýandygyny aýdyň görkezen möhüm waka boldy.

Ýurdumyzda bedenterbiýe we sport ulgamynda hukuk gatnaşyklary dürli ýyllarda kabul edilen «Bedenterbiýe we sport hakynda», «Professional sport hakynda», «Atçylyk we atçylyk sport ýaryşlary hakynda», «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda», «Meýletinçilik hakynda», şeýle-de «Sportda dopinge garşy göreş hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynda berkidilendir. Bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyny has-da berkitmek, şeýle hem bütindünýä olimpiýa hereketine goşulyşmak üçin Türkmenistan BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet boýunça ýöriteleşdirilen edarasynyň sportda doping serişdelerini ulanmaga garşy göreşi boýunça Halkara Konwensiýasyny tassyklady, Olimpiýa nyşanlaryny gorap saklamak baradaky Naýrobi ylalaşygyna goşuldy. Ýurtda Milli antidoping agentligi döredildi.

Türkmenistan halkara sport hyzmatdaşlygyna ýokary ynsanperwer manyny berýär. Ony BMG-niň 2030-njy ýyla çenli Durnukly Ösüş Maksatlarynyň kabul edilmegi bilen baglanyşdyrýar. 2017-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda BMG-niň Adam hukuklary boýunça geňeşiniň 36-njy mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy bilen, «Bosgunlaryň olimpik ýygyndysynyň parahatçylygy we adam hukuklaryny berkitmek boýunça gymmatly goşandyny höweslendirmek boýunça» atly ýüzlenme kabul edildi. BMG-niň Baş Assambleýasy Türkmenistanyň başlangyjy boýunça 3-nji iýuny Bütindünýä welosiped güni hökmünde yglan etdi.

